# Türkiýedäki sosialistler Russiýa-Ukraina urşunda kimiñ tarapynda?

Category: Kitapcy,Publisisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Türkiýedäki sosialistler Russiýa-Ukraina urşunda kimiñ tarapynda? TÜRKIÝEDÄKI SOSIALISTLER RUSSIÝA-UKRAINA URŞUNDA KIMIÑ TARAPYNDA? KIMLER PUTINÇI, KIMLER NATO-çy?




*Russiýa-Ukraina urşy çep ganatda bulaşyklyk döretdi. «Vatan» partiýasy we HKP Russiýany goldaýar. EMEP, Sol, TKP, ESP bolsa, NATO-ny-da, Russiýany-da ýazgarýar. Çepçi intellektuallar we partiýa ýolbaşçylary bu ýagdaýa düşündiriş berdiler.*

Russiýa-Ukraina urşy çep ganatda (ýagny, sosialist gatlakda) çekişmeleriñ döremegine getirdi.

Türkiýe sosialistleriniñ käbir syýasy toparlarynda bulaşyklyklar bolup geçýär.

Toparlar we partiýalar bir-birlerini aýyplap we garalap çykyş edýärler.

Käbir partiýalar Ukraina çozan Russiýany açyk goldaýan bolsa, käbiri «bitarap» görünmek üçin hem Russiýany, hem NATO-ny ýazgarýar.

Russiýanyñ Ukrainanyñ üstüne çozmagynyñ yzysüre sosialistik partiýalardan bu babatdaky beýanatlar gelip ugrady.

Sosialistleriñ Russiýany goldaýandyklary baradaky sosial mediýada ýaýran pikirleriñ tersine «Vatan» we Halkyñ Azat ediş

partiýalaryndan başga Orsyýete açyk goldaw beren sosialistik partiýa bolmady.
Sosialistik partiýalaryñ beren beýanatlarynda Russiýanyñ, hususanam Putiniñ ýazgarylýar, ýöne munuñ bilen bir hatarda NATO, ABŞ we häzirki ukrain hökümeti-de tankyt edilýär.

**• «NATO imperialist jeñbazlaryñ guramasydyr»**

Zähmet partiýasyndan (EMEP) berilen beýanatda Doneskiñ we Luganskiniñ gelejegini şol ýerde ýaşaýan halklaryñ özüniñ kesgitlemelidigi aýdyldy.
«Garaşyp, tomaşa edip durmalyñ… Imperialistik urşa garşy parahatçylygyñ ýañyny güýçlendireliñ!» sözbaşyly beýanat beren EMEP şeýle diýdi:
«Imperialistik uruşyñ we basybalyjylygyñ geriminiñ giñeme ähtimallygy bar. Bir ýandan amerikan, iñlis hökümetleri we NATO, beýleki bir ýandan Russiýanyñ we ony goldaýan Hytaýyñ imperialistik hökümetleri halklaryñ biri-birleri bilen gyrlyşmagyna ýol açýan syýasatlaryny ädimme-ädim durmuşa geçirýärler. NATO imperialistik jeñbazlaryñ uruş turuzmak üçin niýetlän betpäl guramasydyr. Imperialistler regiondan el çeksinler. Doneskiñ we Luganskiniñ gelejegini şol ýerde ýaşaýan halklaryñ özleri kesgitlemelidir».

**• Sol (Çep) partiýasy ABŞ-ny we NATO-ny, hem-de Putini ýazgardy**

Sol partiýasy bolsa «imperialistik ekspansiýalara we uruşa garşy durmalydyrys» diýip çykyş etdi.
Partiýanyñ beren beýanatynda «Ukrainanyñ bähbidi garaşsyz, özbaşdak we bitarap ýurt hökmünde territorial bitewiligini saklamakdadyr. ABŞ we NATO Ukrainadan ellerini çekýändiklerini mälim etmeli, ýurda ýarag we beýleki serişdeleri getirmegi gyssagly goýbolsun etmeli. Putinem Leniniñ «Halklaryñ öz ykbalyny özi kesgitleme hukugy» prinsipine-de eýermeýän, Ukrainany we Belorussiýany Orsyýete birikdirmegi kanuny hak hasaplaýan aşa şowinistik taryh takallaryny okamagy bes etmeli, Ukrainanyñ gepsiz-gürrüñsiz ykrar edýändigini aýtmaly»

diýildi.

- **TKP: «Ukraianyñ yzagalak syýasy güýçleriniñ ulanylmagyny ýazgarýarys»**

Türkiýäniñ Komministik partiýasy (TKP) bolda Ukrainada bolup geçýän wakalaryñ «faşist» ve «milletçi» güýçleriñ işleridigini aýdyp, muña «antikommunizm» we «kommunistlere garşy zulum» hökmünde baha berdi.
«Rus dilli gürleýän ilata garşy diskriminasiýany, ukrain hökümetiniñ Donbasdaky halka garşy ýaragly hüjümlerini ýazgarýarys» diýlen sözleriñ ýer alan beýanatynda şeýle diýildi:
«Faşist toparlaryñam dahylly bolan Ukrainanyñ yzagalak syýasy güýçleriniñ, Ýewropa-Atlantik güýçleri tarapyndan meýilnamalarynyñ ýerine ýetirilmegini ýazgarýarys. Aýratynam, Russiýanyñ ýolbaşçylygynyñ sebitde strategik meýilnamalaryny hakly görkezmek üçin Lenine, bolşewiklere we Sowet Soýuzyna ýüzlenip aýdan sözleri bilenem ylalaşmak mümkin däl».

- **TIP: «Russiýanyñ çozuşyna-da, NATO-nyñ giñelmesine-de «Duruñ!» diýýäris»**

Türkiýäniñ Işçiler partiýasy (TIP) bolsa, Russiýanyñ çozuşyna-da, NATO-nyñ giñemesine-de garşydygyny mälim etdi.
Partiýanyñ beren beýanatynda iki tarapy-da ýazgarýan tankydy bellikler bar.
«Moskwa hökümetiniñ giñelmäge gönükdirilen synanşyklaryna käbir taryhy delillere arka tutunsalaram, ylalaşmaýarys» diýlen beýanatda şeýle diýildi:
«Dünýä halklarynyñ asudalygyny ganly basybalyjylykly we milletparazçylykly mirasy öñe tutmak bilen däl-de, parahatsöýüjilikli ädimleri ätmek bilen gazanyp bolar. Rus goşunynyñ hereketi haýal etmezden togtadylmaly we dessine parahatçylygy üpjün edip biljek köpugurly gepleşikleri geçirip başlamaly. Diñe Russiýa-Ukraina halkasyny däl, ýer togalagynyñ birnäçe sebitini durnuksyzlaşdyrýan iñ esasy faktorlaryñ biri-de NATO-nyñ özidir we giñelme meýilleridir. Köpugurly

gepleşikleriñ birinji maksady NATO-nyñ giñelme perspektiwasyny we giñelme syýasatyny ara alyp maslahatlaşmak bolmalydyr».

### • Perinçek: «Russiýanyñ ýaragy parahatçylyk we agzybirlik getirýän ýaragdyr»

Russiýa gönüden-göni we aç-açan goldaw berenleriñ biri-de «Vatan» partiýasy boldy.
Çep ganatda «Vatan» partiýasynyñ we onuñ lideri Dogu Perinçegiñ şeýle ideologiýa eýe bolup-bolmazlygy uzak ýyllara çekjek çekişmäniñ gürrüñi.
Antiamerikan pozisiýasy bilen tanalýan Perinçek Russiýanyñ ýaragynyñ parahatçylyk we agzybirlik getirjekdigini öñe sürdi.
Russiýanyñ TASS habarlar agentligine interwýu beren Perinçek «Hormatly Putin amerikan howpuny beýanatlar arkaly saklap bolmajagyny gowy bilýär. Hawa, Russiýanyñ harby operasiýasy ýaragly operasiýa, emma Russiýanyñ ulanýan ýaragy edil häzir parahatçylyk we agzybirlik getirýän ýaragdyr. Edil Azerbaýjanyñ Garabagy halas edende ulanan ýaragy ýaly. Putin parahatçylyk we agzybirlik getirjek modeli durmuşa geçirýär. Russiýanyñ kararlylygy Gündogar Ortaýer deñzinde Türkiýäni arkaýynladýar» diýdi.

### • ESP: «Urşuñ günäkärleri ABŞ-nyñ we Russiýanyñ imperialistleri hem-de faşistik ukrain režimi»

Ezilenleriñ Sosialistik partiýasynyñ (ESP) Merkezi dolandyryş bölüminden berilen beýanatda bolsa, üç tarapa-da tankydy bellikler edildi.
ESP üçin bu uruşyñ birinji derejeli günäkärleri Russiýa, ABŞ we partiýanyñ «faşist» diýip aýyplaýan ukrain režimi.
«Häzirki prosesiñ okkupasiýa we uruş derejesije gelmeginiñ düýp sebäpkärleri ABŞ-dyr Russiýa imperialistleri bilen milletçi-faşistik ukrain hökümetidir. Imperialistik bähbitler we giñelişçi basybalyjykly syýasat bu prosesiñ düýp iteriji sebäpleridir. Garşylyklaýyn güýçler tarapyndan öñe sürülen «garaşsyzlyk», «territorial bitewülik», «döwlet howpsuzlygy», «terrorizm», «döwlet bähbitleri» ýaly sözler uruş syýasatynyñ

imperialistik häsiýetimi gizlemäge niýetlenen boş sözlerdir».
Çepçileriñ arasynda Russiýany goldaýanlaryñ bolşy ýaly, garşy çykanlaram, Günbatara gözüni gyrpýanlaram bar. Bu ýagdaý «putinçi» we «NATO-çy» aýyplamalarynam öz ýany bilen alyp geldi.

**• Oguzhan Müftüoglu: «Türkiýe çepi etmeli işini edýär we urşa garşy çykýar»**

Bolup geçýän zatlaryñ biriniñem halka hiç hili peýdasynyñ ýokdugyny aýdyp, urşa garşy çykýan SOL partiýasynyñ PM-niñ agzasy Oguzhan Müftüogly şeýle diýdi:
«Türkiýäniñ çep ganaty bir bitewi göwrä öwrülip, urşa garşy çykýar. Ukrainany dolandyrýan döwlet syýasatyny, NATO-nyñ, ABŞ-nyñ we beýleki imperialist ýurtlaryñ syýasatlaryny, aýratynam Russiýanyñ syýasatyny ret edýäris. Bolup geçýän zatlar halkyñ peýdasyna däl. Turjak urşuñ sebit halklary we dünýä üçin hiç bir tarapdan peýdasy ýok. Habar beriş serişdeleriniñ meçew beriji işiniñ ýalñyş bolşy ýaly, Putiniñ reaksioner syýasaty-da ýalñyşdyr. Bolup geçýän zatlar adamzada gaýgy-hasratdan başga zat getirmez. Putiniñ bolşy bilen imperialistik ýurtlaryñ bolşunyñ arasynda nuans bar. NATO ýurdy bolmadyk ýurduñ giňželeýji pozisiýa geçendigi hakdyr. Muña garşy Russiýanyñ agressiw syýasaty-da deñ derejede ýazgarylmalydyr. Gysgaça aýdanda, türk çepi etmeli işini edýär we urşa garşy çykýar. Türkiý3 çepiniñ urşa garşy çykýan umumy pozisiýasyny bitewilimde dogry we hakly hasaplaýaryn».

**• HKP başlygy Ankut: «Açgöz imperialist şagallar, Putin Ukrainada baryñyzy dyza çökerdi!»**

HKP-nyñ başlygy Nurullah Ankut ABŞ-ny gödek sözler bilen ýazgardy.
2022-nji ýylyñ 23-nji fewralynda «Açgöz imperialist şagallar, Putin Ukrainada baryñyzy dyza çökerdi!» diýen Aýkut şeýle beýanat berdi:
«Nätdi? Orsyýete dişiñiz ötmedi gerek? Bihaýa, namart hem hilegärsiñiz. Ukrainany «Biz siziñ ýanyñyzdadyrys, ýeke

dälsiňiz» diýip, ilki gižželediňiz. Emma Russiýa aýgytly we hüjüm edijilikli pozisiýa geçip, ilatynyň öz tarapdary bolan Donbas oblastyny we bu ýerde ýerleşen iki respublikany, Doneski we Luganskini ganatlarynyň aşagyna alyp, ýagny ol ýerlere harby operasiýa geçirdi welin, eliňiz-aýagynyz ysman galdy… Hany, uruş turuzjakdyňyz-a, eger Russiýa muny edäýse? Ine, etdem-dä, hany, çykyň-da orta, gaýratyňyz çatýan bolsa… Çatanok gerek?»

## • «Russiýanyň operasiýasynyň Türkiýe üçinem bähbitli tarapy bar»

SCP-niň başlygy Gültekin çep ganatda çekişme bolmagynyň bolaýmaly zatdygyny öňe sürýär.
Her kesiň öz metbugat serişdesinde pikirini beýan edýändigini aýdan Gültekin «Hawa, epeý gyzgyn çekişmeler-a bolýar. Russiýany we Putini hakly hasaplaýanlaryň bolşy ýaly, nädogry hasaplap, tankyt edýänlerem bar» diýdi.
Şu günki Russiýanyň geçmişdäki sosialistik döwlet bilen hiç bir ýakynlygynyň ýokdugyny aýdan Gültekin «Aýratynam öňki sowet döwletine bolan simpatiýamyz bilen Orsyýete garamak ýaly pikirimiz ýok. Bu ýerde düýp mesele Russiýanyň nämäni näme maksat bilen edýänligidir» diýip geçdi.
Gültekin bir tarapdan-a Russiýanyň ýazgarylmalydygyny aýtsa, bir tarapdanam onuň edýäniniň dogrudygyny öňe sürýär. Ol bu sözüne Türkiýäniň Yrakda we Siriýada geçiren operasiýalaryny mysal getirip, rus tarapynyň «dogry» we «kanuny» herekete girişendigini öňe sürýär.
Mehmet Bedri Gültekin şeýle diýdi:
«Amerikadan başga birnäçe ýurt Türkiýäniň serhetden daşarda geçiren operasiýalarynyň dogrudygyny aýtdy. Şeýle ýagdaý Russiýanyň Ukraina meselesinde-de gaýtalandy. Ýagny ABŞ Ukrainada pyrtykal rewolýusiýa amala aşyrdy. Bu işde hyzmatdaşlyk eden mafiýa toparyny-da Kiýewde häkimiýet başyna getirdi. Beýleki bir tarapdan ýaraglandyrdy. Maksat – Russiýany gysaja salmak. Russiýa özüne gönükdirilen howpuň öňüni almak maksady bilen operasiýa geçirýär. Dolulygyna dogry

hasap edip boljak operasiýa we bu Türkiýäniňem bähbidinedir. Ukrainanyň NATO-nyň hataryna goşulmagy Garadeňiziň NATO howdanyna öwrülmegini aňladýar. Bu bolsa Türkiýäniň ABŞ tarapyndan gababa alynmagy operasiýasynyň tamamlanmagyny aňladýar. Şonuň üçin muňa Türkiýe üçinem bähbitli operasiýa hökmünde baha berýärin».

## • Taş: «NATO jeňbazçylykly guramadyr, onuň giňelme syýasatyna garşy çykylýar»

Azatlyk we raýdaşlyk partiýasynyň (ÖDP) öňki başlyklaryndan Alper Taş bolsa, sosialistik ganatyň esasy böleginiň Russiýa-Ukraina urşuny Moskwanyň ekspansiýasy hökmünde görýändigini we muňa garşy çykýandygyny nygtady.
Russiýanyň ýazgarylýandygyny, emma NATO-nyňam giňemegine garşy çykylýandygyny aýdan Taş «NATO jeňbazçylykly guramadyr. Tebigy taýdan harby guramanyň gündogara tarap giňemegine ünsi çekmek bilen bir hatarda, imperialistik giňelmä garşy çykýandygymyzy mälim edýäris» diýdi.
«Türk çepçileriniň tutumy belli» diýen Taş sözlerini şeýle tamamlady:
«Türk çepçileri wagtynda Owganystanyň basylyp alynmagyna-da garşy çykypdy. Biz häzir «Russiýanyň Ukraina garşy basybalyjylykly operasiýasyny goldaýan we rus ýaraglary bilen parahatçylyk üpjün ediler» diýen pikirde däl. Çünki Russiýanyň goldanýan prinsipleri-de oligarhlaryň kapitalynyň giňemegine esaslanýar. Ukrainadaky uruş täzeden paýlaşma dawasynyň bir şahasy. Netijede biz uruşa garşy. Russiýa ukrain topraklaryndan çekilmeli. Russiýa Ukrainanyň territorial bitewiligine hormat goýmalydyr. Emma Ukraina hem öz gezeginde NATO girmeli däl, özüni Orsyýete garşy söweşjeň baza öwürjek imperialistik syýasatlara ýol bermeli däl».

## • «Adamlar Russiýanyň ýa-da NATO-nyň arasynda belli birini saýlap almaga borçly däl»

Syýasatşynas alym Ufuk Uras bolsa oýlanşykly hereket etmegiň gerekdigini aýtdy.

Uras munuñ üçin iñ oñyn çözgüdiñ hem-ä NATO-nyñ giñelme syýasatyna, hem-de Russiýanyñ başga ýurduñ hökmürowanlyk hukugyny depgileýän syýasatyna nägilelik bildirmekdigini belläp geçdi.
«Netijede birini goýup, birini saýlap almagyñ deregine Russiýanyñ agressiýasyny-da, NATO-nyñ giñelme syýasatyny-da ýazgarmak gerek» diýen Uras sözlerini şeýle jemledi:
«NATO-nyñ giñelme syýasatynyñ hiç hili garşylygy ýok. Russiýanyñ NATO-nyñ gözünde howp abandyrmaýandygy köre mälim. Emma Russiýanyñam belli bir derejede slawýan milletçiligini agitirlemeginiñ adamzadyñ parahatçylygyna ýetirjek howplaryny görmek we urşa garşy bolmak gerek. Adamlar Russiýanyñ ýa-da NATO-nyñ arasynda belli birini saýlap almaga borçly däl. Howplary görüp, şoña görä hereket etmek, meñ pikirimçe iñ dogrusy bolsa gerek.»

Adem DEMIR.

adem.demir@independentturkish.com

01.03.2022 ý. Publisistika